Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
— BIZ DÜNÝÄNIŇ ÄHLI ÝURTLARY WE HALKLARY ÜÇIN AÇYKDYRYS!

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT
ELECTRONIC NEWSPAPER

# ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty
Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar
№ 60 (143) 2025-nji ýylyň 10-njy noýabry



## ÖZARA BÄHBITLI HYZMATDAŞLYGYŇ TÄZE MENZILLERI

*Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna iş saparyny amala aşyrdy*

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz tarapyndan binýady goýlan, hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna esaslanýan daşary syýasy strategiýamyz üstünlikli amala aşyrylýar. Şunuň bilen baglylykda dünýä döwletleri we halkara guramalary bilen özara bähbitli, deňhukukly, dostluky gatnaşyklary has-da pugtalandyrylýar. Ýakynda hormatly Prezidentimiziň Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna amala aşyran iş sapary hem ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn gatnaşyklaryň berkidilmeginde möhüm ädim boldy.

Mälim bolşy ýaly, «C5+1» formaty Merkezi Aziýanyň 5 döwletini — Türkmenistany, Gazagystany, Gyrgyzystany, Täjigistany, Özbegistany hem-de Amerikanyň Birleşen Ştatlaryny birleşdirýän diplomatik platformadyr. 2015-nji ýylda ýola goýlan bu başlangyç sebitiň ýurtlarynyň we ABŞ-nyň arasynda özara gyzyklanma bildirilýän esasy meseleler boýunça dialogy hem-de hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga gönükdirilendir. Bu mehanizmiň çäklerinde daşary işler ministrleriniň, döwlet Baştutanlarynyň derejesinde geçirilýän duşuşyklar umumy meseleleri bilelikde çözmek üçin netijeli meýdança bolup hyzmat edýär.

Hormatly Prezidentimiziň awtoulag kerweni Ak tama geldi. Bu ýerde döwlet Baştutanymyz mähirli garşylanyldy. Hormatly Prezidentimiz Ak tamyň Ruzwelt otagynda Hormatly myhmanlar kitabynda ýadygärlik ýazgy galdyrdy.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow iş saparynyň çäklerinde Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Prezidenti Donald Tramp bilen duşuşdy. Prezident Donald Tramp belent mertebeli myhmany mähirli mübärekläp, «Merkezi Aziýa — Amerikanyň Birleşen Ştatlary» formatyndaky sammite gatnaşmaga çakylygy kabul edendigi üçin hoşallyk bildirdi.

Döwlet Baştutanymyz duşuşmak üçin Ak tama gelmäge, şeýle hem «Merkezi Aziýa — Amerikanyň Birleşen Ştatlary» formatyndaky sammite gatnaşmaga çakylyk üçin ABŞ-nyň Prezidentine minnetdarlyk bildirip, bu formatyň ýurtlarymyzyň arasynda ugurlaryň giň gerimi boýunça hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak üçin täze mümkinçilikleri açýandygyny belledi we bu duşuşygyň Türkmenistan bilen Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň arasyndaky däp bolan dostlukly gatnaşyklary ösdürmegiň ýolunda möhüm tapgyr boljakdygyna ynam bildirdi.

Hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň başlangyjy boýunça 2025-nji ýylyň dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilendigini aýdyp, Birleşen Ştatlaryň ýurdumyzyň bu başlangyjyny goldandygyny, Türkmenistanyň hem Amerikanyň Birleşen Ştatlary bilen dostlukly, özara bähbitli gatnaşyklaryň pugtalandyrylmagyna uly ähmiýet berýändigini nygtady.

Soňra hormatly Prezidentimiz «Merkezi Aziýa — Amerikanyň Birleşen Ştatlary» formatyndaky sammite gatnaşdy. ABŞ-nyň Prezidenti Donald Trampyň başlyklyk etmeginde geçirilen ýokary derejeli duşuşyga Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýew, Gyrgyz Respublikasynyň Prezidenti Sadyr Žaparow, Täjigistan Respublikasynyň Prezidenti Emomali Rahmon, Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew hem gatnaşdylar.

Sammitiň öňüsyrasynda döwlet Baştutanlarynyň bilelikde resmi surata düşmek dabarasy boldy.

Prezident Donald Tramp sammite gatnaşyjylary mübärekläp, çakylygy kabul edip Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna gelendikleri üçin hoşallygyny beýan etdi hem-de bu ýokary derejedäki duşuşygyň altytaraplaýyn hyzmatdaşlygy hil taýdan täze derejä çykarjakdygyna ynam bildirdi.

Soňra sammite gatnaşyjylara söz berildi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow çykyş edip, «Merkezi Aziýa — Amerikanyň Birleşen Ştatlary» formatyndaky sammite gatnaşmaga çakylyk üçin Prezident Donald Trampa minnetdarlyk bildirdi we bu formatyň döredilen wagtyndan bäri gazanylan oňyn netijelere ünsi çekdi. Döwlet Baştutanymyz ýurdumyzyň howpsuzlyk, ykdysadyýet, energetika, daşky gurşaw ýaly möhüm strategik ugurlarda hyzmatdaşlygy giňeltmäge çalyşýandygyny belläp, sammitiň netijeleriniň Merkezi Aziýa bilen ABŞ-nyň arasynda köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de giňeltmäge ýardam berjekdigine ynam bildirdi hem-de Prezident Donald Trampa mähirli kabul edendigi üçin minnetdarlyk bildirdi. Şeýle hem döwlet Baştutanymyz agzalan formatyň çäklerindäki hyzmatdaşlygyň sebitiň durnukly ösüşini üpjün etmäge ýardam berjekdigini aýtdy.

Prezident Donald Tramp döwlet Baştutanymyza hoşallyk bildirdi.

Sammitiň dowamynda altytaraplaýyn hyzmatdaşlygyň möhüm meseleleri gyzyklanma bildirilip ara alnyp maslahatlaşyldy hem-de bilelikdäki işiň geljekki ileri tutulýan ugurlary kesgitlenildi.

Ýokary derejeli duşuşygyň çäklerinde ykdysady hyzmatdaşlyk hakynda Türkmenistanyň, Gazagystan Respublikasynyň, Gyrgyz Respublikasynyň, Özbegistan Respublikasynyň, Täjigistan Respublikasynyň we Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Hökümetleriniň arasynda meýiller hakynda Beýannama, medeni miras babatda Türkmenistanyň, Gazagystan Respublikasynyň, Gyrgyz Respublikasynyň, Özbegistan Respublikasynyň, Täjigistan Respublikasynyň we Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Hökümetleriniň arasynda meýiller hakynda Beýannama kabul edildi.

Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna iş saparynyň maksatnamasyny tamamlap, hormatly Prezidentimiz Waşington şäheriniň Andrews Halkara howa menziline bardy. Bu ýerde hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň Gahrymany, Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky hemişelik wekili A.Ataýewany doglan güni mynasybetli tüýs ýürekden gutlady. Şeýle hem döwlet Baştutanymyz A.Ataýewa Gahryman Arkadagymyzyň adyndan gül dessesini gowşuryp, Milli Liderimiziň iň gowy arzuwlaryny ýetirdi.

Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky hemişelik wekili A.Ataýewa gutlaglar üçin hormatly Prezidentimize we Gahryman Arkadagymyza hoşallyk bildirip, berk jan saglyk, uzak ömür, il-ýurt bähbitli, umumadamzat ähmiýetli başlangyçlarynyň mundan beýläk-de rowaçlyklara beslenmegini tüýs ýürekden arzuw etdi.

Birnäçe sagatdan döwlet Baştutanymyzyň uçary paýtagtymyzyň Halkara howa menziline gelip gondy. Bu ýerde hormatly Prezidentimizi ýurdumyzyň resmi adamlary mähirli garşyladylar.

Şeýlelikde, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň «Merkezi Aziýa — Amerikanyň Birleşen Ştatlary» formatyndaky sammite gatnaşmagy Türkmenistanyň oňyn Bitaraplyk, köptaraplaýyn hyzmatdaşlyk ýörelgelerine ygrarlydygyny, bu platforma milli hem-de sebit bähbitlerini ilerletmek üçin möhüm mehanizm hökmünde garaýandygyny tassyklady. Ýurdumyz ulag özara baglanyşygy, energetika howpsuzlygy, ekologik durnuklylyk ýaly meselelere halkara jemgyýetçiligiň ünsüni çekip, ählumumy gün tertibine goşant goşýar we üstaşyr geçirişi, energetika merkezi hökmünde sebitdäki ornuny barha pugtalandyrýar.

***

Hormatly Prezidentimiziň Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna iş saparynyň çäklerinde Türkmenistanyň resmi wekiliýetiniň agzalary birnäçe ikitaraplaýyn duşuşyklary geçirdiler. Olaryň dowamynda özara gyzyklanma bildirilýän meseleler boýunça pikir alşyldy.

**«Ýaş diplomatyň sesi».**

**Türkmenistanyň Prezidenti
Serdar BERDIMUHAMEDOW:**
*— Halkara parahatçylygyň we howpsuzlygyň üpjün edilmegi Türkmenistanyň BMG bilen hyzmatdaşlygynyň esasy ugry bolup durýar.*

# BIRLEŞEN MILLETLER GURAMASYNYŇ DÖREDILMEGI WE KÄMILLEŞMEGI: PARAHATÇYLYK WE HYZMATDAŞLYK TARYHY

Ikinji jahan urşunyň weýrançylyklary adamzadyň taryhynda öçmejek yz galdyrdy. Millionlarça ynsanyň ölümi, şäherleriň weýran bolmagy we betbagtçylyklar dünýä jemgyýetçiligini parahatçylygy goramagyň täze ulgamyny döretmäge mejbur etdi. Halkara parahatçylygy saklamak we pugtalandyrmak, umumy howpsuzlygy üpjün etmek, halkara hyzmatdaşlygy ösdürmek we ählumumy durmuş-ykdysady ösüşe ýardam bermek maksady bilen Birleşen Milletler Guramasy döredildi. BMG-niň segsen ýyllyk taryhy dünýä syýasatynda möhüm üýtgeşmeleri başdan geçirdi. Bu resminama häzirki wagtda hem global meseleleri çözmekde, parahatçylygy we hyzmatdaşlygy üpjün etmekde möhüm orny eýeleýär. BMG-niň döredilmegi we kämilleşmegi birnäçe möhüm taryhy döwürlere bölünýär. Her bir döwür özboluşly aýratynlyklary, gazanan üstünlikleri we ýüzbe-ýüz bolan kynçylyklary bilen häsiýetlendirilýär.

Birinji döwür BMG-niň döredilişi we başlangyç ýyllary bolup, 1945-nji ýyldan 1960-njy ýyllara çenli dowam edýär. Birleşen Milletler ady ilkinji gezek 1942-nji ýylyň birinji ýanwarynda gol çekilen Birleşen Milletleriň Deklarasiýasynda ulanyldy. BMG-niň Tertipnamasy 1945-nji ýylyň aprel-iýun aýlary aralygynda San-Fransisko maslahatynda tassyklanyldy we 1945-nji ýylyň 26-njy iýunynda 50 döwletiň wekilleri tarapyndan gol çekildi. 1945-nji ýylyň 15-nji oktýabrynda Tertipnama Polşa döwleti hem gol çekip, guramanyň ilkibaşdaky agzalarynyň hataryna goşuldy. Tertipnamanyň güýje giren 24-nji oktýabry Birleşen Milletler Guramasynyň güni hökmünde bellenilýär. Tertipnama girişden we bir ýüz on bir maddany özüne jemleýän on dokuz bapdan ybaratdyr. Tertipnamada döwletleriň deňligini, özara gatnaşyklarynda güýç ulanmazlygy we içki işlere garyşmazlygy ýaly umumy ykrar edilen ýörelgeler berkidildi. 1946-njy ýylyň 7-nji dekabrynda Baş Assambleýa BMG-niň resmi möhüriniň we nyşanyň çyzgysyny tassyklady. Tassyklanan nyşanda dünýä kartasyny iki sany zeýtun şahalary gurşaýar, ol bolsa parahatçylygy aňladýar. 1947-nji ýylyň 20-nji oktýabrynda açyk gök reňkde berlen, merkezinde dünýäniň kartasy ýerleşdirilen BMG-niň baýdagy guramanyň resmi nyşany hökmünde yglan edildi. Sowuk urşy döwründe BMG iki uly döwlet — ABŞ we SSSR-iň arasyndaky dartgynlylygy azaltmakda möhüm ähmiýete eýe boldy. Bu döwürde Howpsuzlyk Geňeşi, Baş Assambleýa we Sekretariat ýaly esasy edaralar işläp başlady.

Birleşen Milletler Guramasy bilen köp ýurtlar ýaly, Türkmenistan hem netijeli hyzmatdaşlyk alyp barýar. Ýurdumyzyň Bitaraplygy BMG-niň başlangyçlaryna we parahatçylyk maksatlaryna doly laýyk gelýär. Bu status ýurdumyza halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmäge, sebitlerde ynanyşmagy pugtalandyrmaga we BMG-niň taslamalarynda iş alyp barmaga giň mümkinçilik döredýär. Türkmenistan BMG-niň taslamalarynda iş alyp barýan döwlet edaralary arkaly durnukly ösüş, parahatçylyk we ynsanperwer kömegini bermek işlerini üstünlikli amala aşyrýar.Jemläp aýdanymyzda, BMG-niň döredilmegi we onuň kämilleşmegi adamzadyň parahatçylyk, ynanyşmak we durnukly ösüş ugrunda edýän tagallalarynyň netijesidir. Birleşen Milletler Guramasy döredilen gününden bäri ägirt uly üstünliklere ýetdi. Onuň parahatçylygy saklamak, adam hukuklaryny goramak, ykdysady we sosial ösüşe ýardam bermek ýaly ugurlardaky tagallalary millionlarça ynsanyň durmuşyna oňyn täsir etdi. BMG diňe bir urşuň öňüni almak bilen çäklenmän, häzirki döwürde hem dünýä ýurtlarynyň arasyndaky hyzmatdaşlygy ösdürýär, adam hukuklaryny berkidýär we ynsanperwerlik kömegini berýär. BMG-niň geljekki üstünligi üçin agza döwletleriň ylalaşygy we gatnaşygy möhümdir. Guramanyň özgertmelerini goldamak, ýaş nesliň BMG-niň işlerine işjeň gatnaşmagyny gazanmak we halkara hyzmatdaşlygyny has-da berkitmek häzirki döwrüň esasy wezipeleridir. BMG-niň taryhy yzygiderli kämilleşmegi we döwrebap şertlere uýgunlaşmagy, onuň dünýäniň ähli ýurtlaryna we halklaryna parahatçylygy, ösüşi we ynsanperwerligi üpjün etmekde möhüm ähmiýetiniň bardygyny aýdyň görkezýär.

**Gurbanmuhammet HALLYÝEW,**
Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky
Döwlet gullugy akademiýasynyň talyby,
«Türkmenistan – BMG: parahatçylygy, ynanyşmagy
we dost-doganlygy üpjün etmegiň kepili» atly
esse ýazmak bäsleşiginiň ýeňijisi.

# НЕЙТРАЛЬНОМУ ТУРКМЕНИСТАНУ — 30 ЛЕТ!

«Нейтралитет — это не пассивное равнодушие, а активный выбор в пользу мира и сотрудничества», — сказал бывший Генеральный секретарь ООН Пан Ги Мун. Эти слова удивительно точно отражают путь, который почти три десятилетия назад избрал Туркменистан.

Сегодня страна отмечает знаменательную дату — 30-летие международного признания своего постоянного нейтралитета, ставшего символом доверия, стабильности и миротворчества не только в регионе, но и во всём мире.

История туркменского нейтралитета неразрывно связана с Организацией Объединённых Наций. 12 декабря 1995 года Генеральная Ассамблея ООН единогласно приняла резолюцию A/RES/50/80, официально признав и поддержав нейтралитет Туркменистана. Это решение стало судьбоносным для молодого независимого государства, определив его дальнейший курс во внешней политике.

Спустя двадцать лет, 3 июня 2015 года, резолюцией A/RES/69/285 международное сообщество вновь подтвердило значимость туркменской мирной политики. А 21 марта 2025 года Генеральная Ассамблея ООН в третий раз единогласно поддержала статус постоянного нейтралитета Туркменистана. Таким образом, Туркменистан стал единственным государством в мире, чьё право на нейтралитет признано трижды — уникальный пример последовательности, доверия и дипломатического авторитета.



Особенность туркменской модели нейтралитета заключается в её активном и созидательном характере. Если в классическом понимании нейтралитет предполагает лишь невмешательство в военные конфликты и блоки, то для Туркменистана он стал динамичной политической философией, направленной на укрепление мира, добрососедства и международного сотрудничества.

Ашхабад неоднократно становился площадкой для конструктивного диалога и урегулирования конфликтов. Здесь проходили переговоры по Афганистану, межтаджикские мирные встречи, а в 2007 году открылся Региональный центр превентивной дипломатии ООН для Центральной Азии — важная платформа для дипломатических инициатив и взаимодействия. Все эти факты подтверждают: нейтралитет Туркменистана — это живое действие, основанное на принципах гуманизма, ответственности и взаимопонимания.

Туркменистан последовательно выступает за укрепление региональной стабильности и устойчивого развития, продвигая инициативы в сферах энергетики, транспорта, экологии и водных ресурсов.

Благодаря взвешенной и предсказуемой внешней политике, страна стала надёжным партнёром для государств Центральной Азии и шире — для всего международного сообщества.

Сегодня, отмечая 30-летие постоянного нейтралитета, Туркменистан с гордостью подводит итоги пройденного пути. За этими тремя десятилетиями — годы созидания, дипломатических успехов и укрепления мира.

Нейтралитет для Туркменистана — это не просто статус, а основополагающая ценность, определяющая национальную идентичность и служащая вдохновением для новых достижений во имя мира и согласия.

**Эзиз ЭМИНОВ,**
студент V курса факультета
международной журналистики.

*6 ноября 2025 года в здании Генерального секретариата Международной организации тюркской культуры (ТЮРКСОЙ) в Анкаре состоялась презентация книги «Вагзы-Азат» на турецком языке, изданной в честь 330-летия со дня рождения выдающегося туркменского мыслителя и поэта Довлетмаммета Азади.*

# КРЕПКАЯ НИТЬ, ЧТО СВЯЗЫВАЕТ ТУРКМЕНИСТАН И УЗБЕКИСТАН

Сердце переполняет счастье и гордость за то, что в нашей независимой и нейтральной стране проводятся широкомасштабные реформы, направленные на повышение благосостояния народа путем развития экономики, укрепления социальной сферы, расширения международных связей и утверждение принципов открытости и верховенства права. Мы счастливая молодежь, являемся свидетелями того, что сегодня благодаря успешной реализации государственных программ граждане Туркменистана живут и работают под мирным небом, вносят достойный вклад в грандиозные преобразования.

Важно отметить, что Туркменистан на международной арене зарекомендовал себя как надежный партнер, последовательно проводящий политику добрососедства, открытости и конструктивного взаимодействия. Благодаря колоссальной деятельности Президента Туркменистана Сердара Бердымухамедова и Национального Лидера туркменского народа, Председателя Халк Маслахаты Гурбангулы Бердымухамедова на качественно новый уровень выходят отношения с государствами Центральной Азии, укрепляющихся в духе многовековых уз дружбы и добрососедства, стратегического партнерства и взаимного доверия. Сегодня Центральная Азия, следуя своей исторической миссии, утверждает себя как пространство доверия, где последовательное продвижение к устойчивому развитию и укреплению добрососедских отношений являются ключевыми приоритетами. В этой новой главе истории региона, что пишется совместными усилиями, наивысшую ценность приобретают взаимная поддержка и консолидированный поиск решений, определяющие перспективы дальнейшего развития.

В самом сердце Центральной Азии, где древние цивилизации оставили свой неизгладимый след, а дыхание истории смешивается с ветрами перемен, Узбекистан и Туркменистан на протяжении веков плетут невидимый, но прочный узор своих отношений. На протяжении тысячелетий народы Узбекистана и Туркменистана были связаны единой нитью судьбы. Общие предки, схожие традиции, языки, уходящие корнями в одну тюркскую семью, и богатейшее культурное наследие, переплетенное в шелковых узорах и музыкальных мелодиях, создали неразрывную связь. Эти отношения вышли на качественно новый уровень, став образцом подлинного добрососедства и стратегического партнерства.

Для нас укрепление дружественных и добрососедских отношений между странами имеет огромное значение, поскольку это является залогом региональной стабильности, драйвером экономического роста и основой для расширения культурных связей в Центральной Азии. Регулярные встречи и переговоры между лидерами двух братских государств свидетельствуют о глубоком взаимопонимании и стремлении к совместному прогрессу.



Необходимо подчеркнуть, что дипломатические отношения между Туркменистаном и Узбекистаном были установлены 7 февраля 1993 года. Заботой о народе, его достойном будущем продиктованы самые смелые замыслы и масштабные преобразования, были запущены крупные проекты межрегиональной кооперации. В качестве примера тесного сотрудничества можно принести открытие тематических парков. 23 апреля 2018 года в рамках государственного визита Президента Туркменистана в Узбекистан, в столице Узбекистана был торжественно открыт парк «Ашхабад». Позднее, 22 октября 2022 года, в Ашхабаде был открыт парк «Ташкент». Взаимное открытие парков стало наглядным свидетельством дружбы и братства между Туркменистаном и Узбекистаном.

Нынешний год, несомненно, оставит глубокий след в моей памяти. А примечателен он тем то, что 29 марта 2025 года в городе Аркадаг состоялась Международная конференция «Год мира и доверия: развитие международной деятельности во имя детей», приуроченная к 4-летию со дня создания Благотворительного фонда по оказанию помощи нуждающимся в опеке детям имени Гурбангулы Бердымухамедова. Кроме этого, в этот день состоялась встреча вице-президента Благотворительного фонда по оказанию помощи нуждающимся в опеке детям имени Гурбангулы Бердымухамедова Огулджахан Атабаевой с помощником Президента Республики Узбекистан Саидой Мирзиёевой. По итогам встречи стороны выразили намерения в дальнейшем развитии взаимовыгодного партнерства в различных областях.

4 сентября 2025 года в Ашхабаде в отеле «Ýyldyz» прошло торжественное мероприятие, посвященное 34-й годовщине независимости Республики Узбекистан. Прием организовало Посольство Узбекистана в Туркменистане, собравшее глав дипломатических миссий, международных и региональных организаций, аккредитованных в Туркменистане, представители бизнес-сообщества Туркменистана и Узбекистана.

Узбекистан и Туркменистан – это не просто соседи на карте, это страны, связанные невидимыми, но нерушимыми узами. Их дружба – это живой пример того, как общие ценности, взаимное уважение и стремление к миру могут создать прочный фундамент для процветающего будущего. Пусть эта крепкая нить, сплетенная из веков истории и общих надежд, будет путеводной звездой для грядущих поколений. Да здравствует нерушимая туркмено-узбекская дружба!

В завершении хочется поделиться своим стихотворением «Путь, освященный дружбой», которое отражает основную мысль статьи:

От древних городов до бескрайних песков,
Проложен путь дружбы, сквозь толщу веков.
Узбеки и туркмены, как братья по судьбе,
Несут огонь согласия в каждой семье.

Их гордость – в единстве, их сила – в плече,
Партнерство – основа, что светит в ночи.
Уверенность в завтра, в совместный успех,
Развеет сомнения, укрепит прогресс.

Пусть мирное небо над нами всегда,
Пусть крепнет и множится наша судьба.
Пусть дружба сияет, как яркий маяк,
Освещая дорогу, скрепляющую нас.

**Майса АШИРОВА,**
студентка IV курса факультета
международной журналистики.

# YŞK GÜLLERI

*(Gysgajyk kyssa)*

Geçen asyryň bir günlerinde oba klubyna Aşgabatdan «Güneş» ansambly konsert bermäge geljekmişin diýen söz bütin oba ýaýrapdy. Muňa örän begendiler. Bu habar dogrudanam çyn bolup çykdy. Oba adamlarynyň sabyrsyzlyk bilen garaşýan pursatam ýetip geldi. Klubyň içi hyryn-dykyndy. Sebäbi bu günki ýatdan çykmajak dabara goňşy obadanam gelenler bardy. Häli-şindi «mawy ekranda» özüniň ajaýyp aýdymlary bilen çykyş edýän ýurdumyza belli meşhur aýdymçylary ýakyndan görüp, olaryň çykyşlaryna tomaşa etmek nähili gyzyklydy. Öňki hatarlarda diňe gelin-gyzlara giň orun berlipdi. Myhmanlaryň çykyş etmeli pursatlaram ýetip geldi. Sahnada ýumşajyk saz ýaňlanyp, konserti alyp baryjy sahna çykdy. Şowhunly el çarpyşmalaryň astynda alypbaryjy oba adamlarynyň myhmansöýerligine tüýs ýürekden minnetdarlyk bildirip, bu günki konserte gatnaşýan aýdymçylardyr sazandalar bilen tanyşdyrmaga başlady. Ilki bilen aýdymçylary tanyşdyrdy. Haçan-da, sazandalar bilen tanyşdyrylanda, dep saz guralynda saz çalýan ansamblyň sazandasynyň etrap merkezinde guralan ýörite duşuşyga gatnaşýandygy sebäpli, «Depçi sazandamyz ýetip gelýänçä, etrap medeniýet öýüniň ökde sazandasy öz obadaşyňyz Janmyrat Muhammedow udarnikde saz çalar» diýeninden oba adamlarynyň şowhuny al-asmana galdy. Käbir tomaşaçylaryň muňa örän tolgunandygy üçin el çarpyşmalar uzaga çekdi. Şol şowhun edýänleriň arasynda Şahnoza-da bardy. Ýöne, ol gyz el çarpmagy ýadyndan çykarana meňzeýärdi. Ol gyz bütin düýrmegi bilen sahna berlipdi. Aýratynam, Janmyradyň adyny eşiden gyz, özüni ele alýança ep-esli wagt gerek boldy. Öňki hatarda oturan Şahnozanyň alasarmyk ýagdaýda oturanyny Janmyradyňam gözüne ilipdi. Garaşylmadyk ýagdaýda öz obasyna sazandalara goşulyp gelen Janmyradyň öz göwün beren gyzynyň gaşynda peýda bolmagam garaşylmadyk pursatdy. Janmyradyň Şahnozany görüp, onuň kalbynda oýanan täze güýji hiç zat bilen deňär ýaly däl-di.

Konsert başlandy. Meşhur aýdymçylar yzly-yzyna aýdym aýdyp başladylar. Tomaşa jaýynda aýdym-sazyň süýjüden-süýji owazy barha gyzyşýardy. Edil şu pursatda oturanlardan sorasaň «Iň bagtly pursat şudur» diýen jogaby alarsyň. Janmyradam beýleki sazandalar ýaly öz erk edýän saz guralyna ezberlik bilen erk edýärdi. Janmyrat bu ansamblyň öz depçisiniň ýoklugyny bildirmezlik üçin elinde baryny edip, ussatlarça sazyň şowhunyna goşulýardy. Oba adamlary diýseň-diýmeseň köplenç öz obadaşlary Janmyradyň saz çalşyna dykgatlylyk bilen tomaşa edýärdiler, has dogrusy ondan gözlerini aýyrmaýardylar. Şol gözügidijilik bilen synlaýanlaryň arasynda Şahnoza bardy. Konsert soňlaberende ansamblyň öz depçisi-de gelipdi. Ol Janmyradyň saz çalşyny görüp haýran galypdy. Ara böwşeňlik düşende alypbaryjy ansamblyň öz depçisini sahna çagyrdy. Ol el çarpyşmalaryň astynda sahna çykyp, tomaşaçylara baş egip, oba adamlaryna iň gowy arzuwlaryny beýan etdi. Soňam Janmyrady ýanyna çagyrdy.



— Ilki bilen etrap merkezinde döredijilik duşuşygyna gatnaşyp gelip bilmändigim üçin ötünç soraýaryn. Meni ýene-de bir begendiren zat, hut siziň obaňyzda ýaşdygyna garamazdan örän zehinli, ussat Janmyrat ýaly sazandalaryň bardygy. Eger garşy bolmasaňyz öz obadaşyňyz Janmyrat Muhammedowyň konsertiň soňuna çenli saz çalmagyny haýyş edäýeliň! Bu teklibi märeke uly şowhun bilen goldady. Muňa oturan gyzlaryň içinde bir gyzyň has-da beter begenendigini Şahnozadan başga bilýän ýokdy. Elbetde, ol Şahnozady.

Agşamky konsert tamamlanandan soň, Şahnoza jorasy Merjen bilen hoşlaşyp, köçäniň gyrasy bilen ýöräp barýardy. Birdenem, kimdir biriniň adyny tutýandygyny eşidip yzyna garady. Görse, Janmyrat özüne berlen gül dessesi bilen yzyndan ýetip gelýärdi. Şahnozanyň utanjyrap durşuna, ýetip gelýän ýigide garaşdy. Janmyrat elindäki owadan gül dessesini gyza uzatdy. Şahnoza bälçiredi:

— Aý, oglan bu güller size berildi ahyry.

— Eger-de konsertde siz bolmadyk bolsaňyz, menem o diýen saz çalyp bilmezdim. Bu gülleri şu gün maňa ömürlik egsilmejek güýji bagyş eden bir ajaýyp gyz üçin berdiler — diýip, gyzyň degişmesine degişme bilen jogap berdi.

Daşoguz topragynyň çetki obalarynyň birinde bolup geçen bu ýakymly wakadan az wagt geçenden soň, türkmen ýigidi bilen özbek gyzy söýgüniň beýik şanyna uludan-uly toý tutdular. Bu beýik söýgüniň dabaralanmasydy.

**Jumaberdi ARTYKOW,**
Žurnalistikanyň nazaryýeti we amalyýeti
kafedrasynyň mugallymy,
«Ýaş diplomatyň sesi».

*2025-nji ýylyň 4-nji noýabrynda Gazagystan Respublikasynyň M.S.Narikbaýew adyndaky Döwlet hukuk uniwersitetinde Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygyna bagyşlanan maslahat geçirildi.*

# Seni ýatlap...

(Oýlanma)

Edil düýn ýalydy ahyr, seniň bilen tötänden sataşan günüm. Seret! Eýýäm bir ýyl geçäýipdir. Tutuş bir ýyl. Şol pursatky intizar garaýyşlaryň, her bir sözleriň, mähirli keşbiň häli-häzirem aňymda çarhypelek deý, aýlanyp dur, aýlanyp dur. Güýz günleri. Sen meniň durmuşymda ýatdan çykmajak pursatlary sowgat edip gitdiň. Onda-da ýalňyzlykda galan hesretli hem süýji ýatlamalary kalbymda goýup gitdiň. Käte bagtdan, käte-de şowsuzlykdan gözlerim nemlendi. Şol ýatlamalarymdan güýç alyp meniňem gamsyzja setirleri nagyş deý bezäp ýörşüm. Goý,



şol gamsyzja setirlerim bir ömür seniň adyňa ýazylsyn! Goý, ol setirler adyňy diline almaga çekinýän talyp gyzyň adyndan bolsun! Belki, senem bu setirlerimi okap, şol pursat dideleriňde janlanar! Belki-de, düýbünden başgaça bolar. Aslynda-ha, men, seniň dünýäňde özümiň nähili orun alanymam bilemok. Ýöne, öz dünýämde weli, bir zady anyk bilýän. Ýalňyz galan dünýämde diňe seniň keşbiň dur. Hiç wagt soňlanmajak romanyň gahrymany hökmünde hyýaly dünýämde, altynsow harplar bilen ýazylan adyň baky durmagyny isleýärin. Şol eseriň ýazylyp başlanyna bir ýyl bolanam bolsa, az wagtyň içinde onuň wakalary düýgöter üýtgejege meňzeýär. Ahyrynda her kim öz ýolundan gitmegi dogry hasaplap, meniň sen hakyndaky duýgularymyň soňuna nokat goýmagy makul bilen bolaýmagyňam ahmal. Men weli asla, entäk nokat goýmadym. Entäk yzyny dowam etmek maksady bilen üç nokat goýup, birnäçe kiçijek wakalar bilen hyýaly romanymyň gerimini gitdigiçe ulaldyp barýan. Hiç soňlanmajak bu romanyň wakalaryna entäk-entäkler gutarma bolar öýdemok...

Käwagtlar şeýle bir duýgy, meni hyýaly dünýäniň çür depesine çykaryp: «Gutarylmadyk eseriňi dowam et, ýene-de ýazyber!» diýip, hyjuw berýär. Dogrymy aýtsam, käte elimdäki galam diýenimi etmejek bolýar. Kä wagt bolsa, düýbünden başgaça, şol gaýtalanmajak pursaty gaýta-gaýta goşga, käte bolsa hekaýa salyp keşbiňi janlandyrmaga synanyşýan.

Ynha, bu günem öwrenişenje endigime görä şol pursady ýazýaryn diýsem-ä, biraz bärden gaýtdygym bolar. Edil düýn ýalydy ahyr, seniň bilen tötänden sataşan günüm. Seret, eýýäm bir ýyl geçäýipdir. Şol pursatky her bir garaýyşlaryň, her bir sözleriň häli-häzirem aňymda şo-ol düýn aýdylan ýaly çarhypelek deý, aýlanyp dur. Güýz! Sen meniň durmuşymda ýatdan çykmajak pursatlary sowgat etdiň. Men saňa örän minnetdar! Ýatdan çykmajak süýji pursatlar. Käşgä şol pursady gaýtadan yzyna dolanaýsa-dy, men onda ýüregimde berçigip giden, duşuşykdan soňky erkime goýmadyk duýgularymy saňa beýan ederdim.

**Aýnur MYRADOWA,**
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň I ýyl talyby.

## GEL, EZIZIM!

**Gözüm nury sende galdy,**
**Ýüregimiň söýen ýary.**
**Çekdim aý gyz seň yşkyňda,**
**Mežnun kimin ahy-zary.**

**Kalbymyň söýen gunçasy,**
**Dumanladyp aşyk seri.**
**Şondan bäri halym harap,**
**Dertde goýma ýarym meni.**

**Assa ýöräp aşyk, ýoluň**
**gaýmagyny bozman gelýäň.**
**Oýa batýan keşbiň synlap,**
**Uz ýöreýşiň kalbym dilýä.**

**Gel, ezizim, seýil edeli,**
**Bagt bagynda bagta dolup.**
**Galmaz mende zerre arman,**
**Gez dünýämde, dünýä bolup.**

***Bäşim PERMANKULYÝEW,***
*Halkara žurnalistikasy fakultetiniň I ýyl talyby.*

# Durmuşyň süýji günleri

*(Kyssa)*

Meniň çagalyk ýyllarymdaky gyzyklyja wakalar, şadyýanja geçýän her bir pursatlarymyz durmuşyň süýji günleri. Meniň hem her ýyl tomusky dynç alyş möwsümine sabyrsyzlyk bilen garaşýan günlerim. Paýtagtyň belent jaýlaryndan alyslara seredip, basymrak otla münüp alyslarda ýaşaýan mähriban mamamlara tarap ýola düşesim gelýärdi.

Mamamjan şeýle bir mähirli, tapbiler, işeňňir zenandy. Menem körpelikden mamama juda höwrügipdirin. Paýtagta göçüp gelmezimizden öň mamamlaryň öýleri meniň üçin iň ýyly ojakdy. Mamam elmydama meni söýgüläp adymy: «Gupbam», «Güljagazym» diýip tutardy. Öz adymam Aýjemal-da bolsa, Gupba adyny nämedendir has-da gowy görýärdim. Adymyň elmydama şeýle tutulyp durmagyny isleýärdim. Mamam göwnime bolmasa, agtyklarynyň içinden meni has-da gowy görýärdi. Şonuň üçinem men ýygy-ýygydan ejeme: «Eje, mamamlara gidesim gelýär, mamamy göresim gelýär» diýip, gününe goýmaýardym. Ejem hem şol sebäpli meniň üçin has gowusy bolsun diýip, çagalar bagyna ýazylşyk bolanda mamamlara ýakyn çagalar bagyna ugratdy. Men bolsa şol günler mamama has-da öwrenşipdim. Mamam bir ýere ýola düşäýse-de: «Mamam haçan gelerkä?» diýip, özelener ýörerdim.



Ejem işe çykanynda bolsa, meni ir bilen bakja-bagyna getirerdi. Men bolsa mamama tä gelýänçä garaşardym. Ol meni bakjadan hemmelerden ir alyp gaýdardy. Şeýdip, biz şatlanyp bileje öýe gaýdardyk.

Mamama obada hormat bilen Tuwakbibi daýza ýa-da Bibi ejeke diýip ýüzlenerdiler. Mamamyň elem, dilem süýjüdi. Ynha, tomus pasly gelende weli, gyzgalaňly hysyrdysy ýetik zähmet gaýnap joşardy. Mamamyň maňa: «Tomus depesi gaýnamadygyň gyş gazany gaýnamaz» diýen sözleri hälem gulagymda ýaňlanyp dur.

Daýylarym «Ata kesbi ogluna halal» diýlişi ýaly, babamyň ýardam bermeginde jana tenekar gawunlary ekin meýdanynda ýetişdirýärdiler. Mamam bolsa daýylarymyň zähmet çekişini görüp, ir ertirden tä agşama çenli aýak üstünde gününi geçirýärdi.

Men ýaňy bir mana düşüp başlan günlerimde mamam mähir bilen: «Gyzym, zähmediň miwesi süýjüdir, görýäňmi, biziň bu topragymyzda kesewini dürtseňem gögerjek. Şu süýji gawundyr garpyzlary isrip etmän şeýdipjik ýygnarys weli, gyşyna bal bolar. Bular diňe bir süýji bolman, eýsem, jennetiň ysyny ýadyňa salýan gudratly nygmatdyr. Mundan başga-da, dermanlyk häsiýeti hem bardyr. Gel, ikimiz bulary ejeň dagy gelýänçä, dilimläp ýüpden asyp goýaly». Men hem bilesigelijilik bilen: «Mama bular näme?» diýdim. Mamam: «Gawunlaryň iň süýjisini şahyr şeýle wasp edýär:

— Biýaradan jyklap ýatan waharman,
Ýarylarmyş at aýagynyň sesinden.

Ine, görýärmiň gyzym, Biribar eçilende şeýle bolýar. Şol sebäpli, biz ýarylan gawunlary dilimläp, ýüpden asyp goýýarys. Onsoň bu dilimlenen gawunlar Günüň tygyna hasam süýjäp kak bolýarlar. Soňra bolsa ýygnap örüp goýýarys. Gyş gelende weli, biz üýşüp kak bilen çaý içeris. Tomsuň hezilem şunda-da gyzym. Häzir gyzlar bir üýşsün, soňra içi köz ýaly garpyzlardan bal ýaly toşap gaýnadarys. Gyşyna bular bize hezil berer, ynha görersiň Biribaryň bu eçilen nygmatlaryny biz harlaman ýygnadygymyz bolar. Bu süýji nygmatlaryň hyrydaram kän, ine görersiň, bular bütin obaň ählisine ýeter». Mamamyň göwni ýaly elem açykdy. Obanyň agzy bimaza bolan gelinleri diýjekmi, ýaşy diýmän, garry diýmän, ýylyň dowamynda hyrydar bolup gelen adamlara bu nygmatdan paýlardy. Mundan başga-da: «Ber, berekediň artar», «Döwletliden döwlet ýokar» diýen nakyllary bu günki gün biziň üçin terbiýe mekdebidir. Ýene tomus gelse men hem mamamlara gidip, ýene-de kak taýynlap, toşap ederis. Bu bolsa meniň üçin iň süýji günler hökmünde kalbymda galypdyr.

**Gülnara MYRADOWA,**
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň IV ýyl talyby

## OŇAÝLY PIKIRLENMÄNI NÄDIP ÖSDÜRMELI?!

Durmuş bu — her hili zat bolaýmagy ahmal. Günüň dowamynda özümiz nähili zatlary başdan geçirýäris. Emma, şol bolup geçýän zatlaryň her birinden isle gowy isle-de erbet, özümizi kämilleşdirjek sapaklary edinmegi başarmalydyrys.

Adamyň kellesinde günüň dowamynda 80 müň pikir bolup geçýär. Şol pikirleriň hemmesine oňaýly diýip bilerismi ýa-da şolaryň hemmesi adama gerekli maglumatlarmy? Elbetde ýok! Ynsanyň pikirlenýän zatlarynyň arasynda oňaýsyz ýa-da saglyga zyýanly maglumatlar hem bar. Adamyň oňaýly pikirlenmegine nähili şertler gerek? Birinjiden, adam oňaýly pikirlenmek üçin çeper döredijilikden peýdalansa has gowy bolar. Sebäbi döredijilik dünýäsi adamyň içki dünýäsini, ruhuny täzeleýär. Aňynda dogry pikirlenme endikleri döreýär. Hiç bir çeper eser öz içinde oňaýsyz ideýa saklamaýar. Çeper döredijilik (goşgy, hekaýa, powest, roman we ş.m) adamyň çeper we ruhy taýdan kämilleşmeginiň esasy çeşmesidir. Ikinjiden, ýönekeýje fiziki maşklar arkaly keýpiňi kökläp bolýar. Bu bolsa adam beýnisine barýan dürli nerw öýjükleriniň ýollaryny açyp adamyň rahatlamagyna, nerw dartgynlylygyny aradan aýyrmaga kömek edýär. Adam şu ýokarda görkezilen hereketleri ýerine ýetirse, onda ruhy hem beden taýdan sagdyn bolar.

**Sylapberdi ÇARYÝEW,**
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň I ýyl talyby.

***2025-nji ýylyň 3-nji noýabrynda Stambuldaky Türkiýäniň edebiýatçylar jemgyýetiniň binasynda Türkiýe Respublikasyndaky Türkmen edebiýaty we döredijiligi hepdeliginiň dabaraly açylyşy geçirildi.***

ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI
*Baş redaktor*
***Jumaberdi ARTYKOW***

*Baş redaktoryň orunbasarlary: M.Mätgurbanow, G.Gurbansähedow.*
*Jogapkär kätip: A.Kaşaňow.*
*Jogapkär kätibiň orunbasary: O.Çaryýarowa.*
*Bölüm müdiri: J.Gurbangylyjowa.*
*Edebi işgärler: A.Ýazweliýew, A.Nobatowa, Ý.Hallyýew.*
*Korrektorlar: A.Döwletowa, B.Baýhanow.*

*Redaksion geňeşiň agzalary:*
*B.Ataýew, M.Berdinýýazow, A.Gökleňow, R.Bäşimow, B.Saryýew, B.Amansaryýew, B.Karaýew, M.Gandymowa, P.Çaryýew, J.Pürjäýewa.*

*Gazet elektron görnüşinde HGI-niň www.iirmfa.edu.tm internet saýtynda ýerleşdirilýär.*

*E-mail:* *hgi.redaksiya@gmail.com*